Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.

#51(282)
четверг, 18 декабря 2025 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

# ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА
# Международные новости




## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ RUSSIÝA FEDERASIÝASYNA IŞ SAPARY BARADA

2025-nji ýylyň 22-nji dekabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Russiýa Federasiýasyna iş saparynyň çäklerinde Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna gatnaşyjy ýurtlaryň döwlet Baştutanlarynyň ýokary derejeli resmi däl duşuşygyna gatnaşdy.

Ir bilen Prezident Serdar Berdimuhamedow GDA gatnaşyjy ýurtlaryň döwlet Baştutanlarynyň ýokary derejeli resmi däl duşuşygynyň geçirilýän ýeri bolan Döwlet “Ermitaž” muzeýine geldi. Bu ýerde Türkmenistanyň Prezidentini Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin mähirli garşylady.

Sammitiň öňüsyrasynda oňa gatnaşýan döwlet Baştutanlary «Ermitaž» muzeýine aýlanyp gördüler.

Muzeý bilen tanyşlyk tamamlanandan soňra, GDA gatnaşyjy ýurtlaryň döwlet Baştutanlarynyň ýokary derejeli resmi däl duşuşygy geçirildi.

RF-niň Prezidenti Wladimir Putin duşuşygy açyp, oňa gatnaşyjylary ýene-de bir gezek mähirli mübärekledi hem-de resmi däl sammite gatnaşmak üçin Sankt-Peterburga gelmäge çakylygy kabul edendikleri üçin hemmelere hoşallyk bildirdi.

Sammitiň dowamynda şu ýyl Arkalaşygyň çäklerinde ýerine ýetirilen işleriň netijelerine syn berildi, hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary hem-de geljek üçin wezipeler kesgitlenildi. Ykdysady hyzmatdaşlygyň oňyn görkezijileri kanagatlanma bilen bellenildi. Şeýle hem sebit we ählumumy gün tertibiniň möhüm meseleleri boýunça pikir alşyldy.

Prezident Wladimir Putin 2026-njy ýylda Türkmenistanyň GDA-da başlyklyk etmegi mynasybetli Prezident Serdar Berdimuhamedowy gutlady we üstünlikleri arzuw etdi.

Arkalaşygyň ýurtlarynyň hoşmeýilli erke, özara hormat goýmaga, ynanyşmaga esaslanýan deňhukukly özara bähbitli hyzmatdaşlyga üýtgewsiz ygrarlydyklary nygtaldy. Şu gezekki duşuşyk hem GDA ýurtlarynyň netijeli hyzmatdaşlygy häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän täze derejä çykarmagy maksat edinýändikleriniň güwäsidir.

Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti mümkinçilikden peýdalanyp, GDA gatnaşyjy ýurtlaryň ähli raýatlaryna ýetip gelýän Täze ýyl baýramy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Bu ýerde belent mertebeli myhmanlaryň hormatyna Russiýa Federasiýasynyň Prezidentiniň adyndan resmi däl günortanlyk nahary berildi.

Şeýle hem döwlet Baştutanlary “Ermitaž” muzeýinde konserte tomaşa etdiler.

Russiýa Federasiýasyna iş saparynyň maksatnamasy tamamlanandan soňra, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Sankt-Peterburg şäheriniň «Pulkowo» Halkara howa menziline bardy we bu ýerden Watanymyza ugrady.

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI “MERKEZI AZIÝA - ÝAPONIÝA” DIALOGYNYŇ BIRINJI SAMMITINE GATNAŞDY

**2025-nji ýylyň 20-nji dekabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Ýaponiýa iş saparynyň çäklerinde “Merkezi Aziýa - Ýaponiýa” dialogynyň birinji sammitine gatnaşdy.**

Sammitiň geçirilýän ýerinde Prezident Serdar Berdimuhamedowy Ýaponiýanyň Premýer-ministri Sanae Takaiti mähirli garşylady. Döwlet Baştutanymyz hem-de Ýaponiýanyň Hökümetiniň Başlygy bilelikde surata düşdüler.

Soňra “Merkezi Aziýa - Ýaponiýa” dialogynyň birinji sammiti geçirildi.

Ýaponiýanyň Premýer-ministri ýokary derejeli duşuşygy açyp, çakylygy kabul edip gelendikleri üçin sammite gatnaşyjylara hoşallyk bildirdi we Ýaponiýanyň durnukly we gülläp ösýän sebit hökmünde Merkezi Aziýanyň möhüm ornuny ykrar edýändigini belledi. Şeýle hem ol Merkezi Aziýa ýurtlarynyň Ýaponiýanyň esasy hyzmatdaşlary bolup durýandygyny nygtady.

Soňra sammite gatnaşyjylara söz berildi.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow çykyşynda bildirilen myhmansöýerlik üçin Ýaponiýanyň Hökümetine minnetdarlygyny beýan edip, Türkmenistanyň şu günki duşuşyga häzirki ählumumy geoykdysady we syýasy ýagdaýlary, dünýä ösüşiniň merkezi hökmünde Aziýanyň barha artýan ornuny nazara alyp, Merkezi Aziýa ýurtlary bilen Ýaponiýanyň arasyndaky özara gatnaşyklary hil we many-mazmun taýdan täzelemek üçin möhüm tapgyr hökmünde garaýandygyny aýtdy.

Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz “Merkezi Aziýa - Ýaponiýa” dialogynyň sammitiniň yzygiderli esasda geçiriljekdigine umyt bildirdi.

Türkmenistan Merkezi Aziýa bilen Ýaponiýanyň arasyndaky gatnaşyklaryň mundan beýläk-de giňeldilmegi, hyzmatdaşlygyň täze ugurlarynyň açylmagy hem-de iş ýüzünde täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylmagy ugrunda çykyş edýär. Ykdysady, maýa goýum hyzmatdaşlygyna aýratyn ähmiýet berilýär.

Indi köp ýyllaryň dowamynda Türkmenistan meşhur ýapon kompaniýalary bilen netijeli hyzmatdaşlyk edip, gaz pudagy, himiýa senagaty, elektroenergetika, ulag, suw hojalygy ýaly strategik taýdan ähmiýetli ulgamlarda iri we uzak möhletleýin taslamalary durmuşa geçirýär.

Merkezi Aziýa ýurtlary Ýaponiýa bilen hyzmatdaşlygy has-da giňeltmek üçin uly serişdelere eýedirler. Biziň umumy wezipämiz dialoga gatnaşyjylaryň ählisiniň güýçli taraplaryny doly herekete getirmekden ybaratdyr.

“Ýaşyl” geçiş şeýle ugurlaryň biridir. Türkmenistan Ýaponiýanyň “ýaşyl” energetika we durnukly ösüş ulgamyndaky başlangyçlaryna uly gyzyklanma bilen garaýar. Türkmenistan energiýa tygşytlaýjy, metan zyňyndylaryny azaltmak, energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmelerini we beýleki ugurlaryny ornaşdyrmak syýasatyny yzygiderli durmuşa geçirýär. Wodorod energetikasy aýratyn üns berilmegini talap edýän meseledir.

Nygtalyşy ýaly, dialogyň çäklerinde durnukly ösüşi üpjün etmekde ählumumy tagallalaryň bölegi hökmünde Merkezi Aziýada “ýaşyl” geçişiň umumy çemeleşmelerini işläp taýýarlamak maksadalaýyk hasaplanýar.

Howanyň üýtgemegi bilen bagly, şol sanda sebitde ýöriteleşdirilen merkezleriň, husasan-da, BMG-niň Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalar boýunça sebit merkeziniň döredilmegi baradaky başlangyçlary goldamak boýunça hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi möhüm hasaplanýar. Bu meselede Ýaponiýa bilen hyzmatdaşlyk uly ähmiýete eýedir.

Prezident Serdar Berdimuhamedow özara baglanyşyk barada aýtmak bilen, Türkmenistanyň ulag we üstaşyr baglanyşygyň ösdürilmegine uly ähmiýet berýändigini belledi.

Bellenilişi ýaly, adam mümkinçiliklerini ösdürmek möhüm ugur bolup durýar. Türkmenistanyň talyplarynyň we mekdep okuwçylarynyň müňlerçesi häzirki wagtda ýapon dilini öwrenýärler. Şunuň bilen baglylykda, ýaşlaryň, talyplaryň we akademiki

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI “MERKEZI AZIÝA - ÝAPONIÝA” DIALOGYNYŇ BIRINJI SAMMITINE GATNAŞDY




*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

toparlaryň gatnaşyklaryny üpjün etmek maksady bilen, “Merkezi Aziýa - Ýaponiýa” ýaşlar forumyny döretmek başlangyjy bilen çykyş edýäris. Şeýle hem “Merkezi Aziýanyň we Ýaponiýanyň zenanlarynyň dialogy” atly hemişelik hereket edýän platformany döretmegi teklip edýäris diýip, Prezident Serdar Berdimuhamedow aýtdy.

Türkmenistanyň Prezidenti häzirki zaman şertlerinde açyk we oňyn halkara hyzmatdaşlygyň möhüm ornuny nygtap, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna, Halkara Bitaraplyk gününe, Türkmenistanyň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe bolmagynyň şanly senesine bagyşlanyp, şu ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda geçirilen iri halkara forumyň ähmiýetini belledi.

Halkara hukugy ileri tutmak ýörelgelerini berjaý etmek, şeýle hem BMG-niň konwensiýalarynyň, şertnamalarynyň, ylalaşyklarynyň, beýleki köptaraplaýyn resminamalaryň iş ýüzünde berjaý edilmeginiň netijeliligini ýokarlandyrmak esasy şert bolup durýar diýip, Prezident Serdar Berdimuhamedow aýtdy we sammite gatnaşyjylardan 2028-nji ýyly “Halkara hukugyň ýyly” diýip yglan etmek baradaky Türkmenistanyň başlangyjyny goldamagy haýyş etdi.

Şeýle hem Türkmenistan ýadro ýaraglaryny ýaýratmazlyk, ýadro synaglarynyň ähli görnüşlerini gadagan etmek, ýaragsyzlanmak tertibini üpjün etmek ýaly möhüm ugurlarda hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna uly ähmiýet berýär.

Sözüniň ahyrynda Prezident Serdar Berdimuhamedow “Merkezi Aziýa-Ýaponiýa” dialogynyň halklarymyzyň uzak möhletleýin bähbitlerine laýyk gelýändigine hem-de halkara hyzmatdaşlygyň durnukly we netijeli gurallaryny kemala getirmegiň möhüm şerti bolup durýandygyna ynam bildirdi.

Ýaponiýanyň Premýer-ministri çuň manyly çykyşy üçin döwlet Baştutanymyza hoşallyk bildirip, beýan edilen teklipleriň möhüm ähmiýetini belledi.

Sammite gatnaşyjylar energiýa serişdelerini ibermegiň durnukly zynjyrlaryny pugtalandyrmak, Hazarüsti halkara ulag geçelgesini ösdürmek, senagat we beýleki ulgamlara emeli aňy ornaşdyrmak, Merkezi Aziýada wodorod energetikasy tehnologiýalaryna maýa goýumlary çekmek, medeni we akademiki alyşmalary ösdürmek bilen baglanyşykly meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar.

Duşuşygyň jemleri boýunça «Merkezi Aziýa - Ýaponiýa» dialogynyň sammitiniň Tokio Jarnamasy hem-de ykdysadyýet we energetika babatda ministrler derejesindäki Bilelikdäki Beýannama kabul edildi.

***

Şol gün wekiliýet Baştutanlary “Merkezi Aziýa - Ýaponiýa” dialogynyň işewürlik maslahatynyň plenar mejlisine hem gatnaşdylar.

Plenar mejlisiň dowamynda gol çekilen ikitaraplaýyn resminamalary yglan etmek dabarasy boldy.

Işewürlik maslahatynyň dowamynda “Ýaşyl” energetika we durnuklylyk”, “Sanly özgertmeler we özara baglanyşyk”, “Maliýe, adam serişdeleri we jemgyýetçilik ulgamynyň işewürligi ösdürmekde eýeleýän orny” atly mowzuklaýyn mejlisler geçirildi. Foruma türkmen tarapyndan ýurdumyzyň degişli döwlet düzümleriniň ýolbaşçylary, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň giň wekilçilikli düzümi gatnaşdy.

Ýaponiýa iş saparynyň maksatnamasy tamamlanandan soňra, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Tokio şäheriniň Haneda Halkara howa menziline bardy we ol ýerden Watanymyza ugrady.

***

Prezident Serdar Berdimuhamedowyň iş saparynyň dowamynda ýurdumyzyň wekiliýet agzalary Ýaponiýanyň wekilleri bilen ikitaraplaýyn duşuşyklary geçirdiler.

# MEETING OF THE PRESIDENT OF TURKMENISTAN WITH THE PRIME MINISTER OF JAPAN



On December 20, 2025, during the working visit to Japan, President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov met with the Prime Minister of Japan Takaichi Sanae.

Warmly welcoming the Turkmen leader, Prime Minister Takaichi Sanae thanked him for accepting the invitation to visit Japan and expressed confidence that present meeting plays an important role in strengthening bilateral cooperation.

The Prime Minister of Japan noted the constructiveness of interstate relations, emphasizing the importance of consistent high-level visits.

Thanking for the invitation and hospitality, President Serdar Berdimuhamedov once again congratulated Takaichi Sanae on her election as Prime Minister of Japan and wished her success in her state work. Taking the opportunity, the President of Turkmenistan conveyed warm greetings and best wishes of the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty Hero Arkadag.

The head of state also sincerely congratulated the Prime Minister of Japan on the successful completion of the World Expo 2025.

President Serdar Berdimuhamedov noted that Turkmenistan attaches great importance to developing multilateral and long-term relations with Japan.

It was emphasized that Turkmenistan and Japan successfully cooperate not only bilaterally, but also within international organizations, particularly the United Nations, and reciprocally support initiatives to ensure peace and sustainable development.

The establishment of inter parliamentary friendship groups have become a significant step in strengthening interstate dialogue.

The President of Turkmenistan noted that trade-economic cooperation is an important area of Turkmen-Japanese cooperation. In this regard, the importance of the bilateral documents signed during the current visit to Japan was underlined.

Cultural-humanitarian partnership is also an integral component of Turkmen-Japanese relations. Cooperation between institutions of higher education of Turkmenistan and Japan is developing actively and effectively. In this regard, the need to strengthen long-term contacts in this area was emphasized.

Prime Minister Takaichi Sanae emphasized that Japan highly appraises Turkmenistan's peace-loving foreign policy. Taking the opportunity, Takaichi Sanae conveyed greetings and best wishes to the National Leader of the Turkmen People Hero Arkadag.

At the end of the meeting, the sides expressed confidence in further strengthening of mutually beneficial cooperation and exchanged best wishes.

Following the high-level meeting between President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov and Prime Minister of Japan Takaichi Sanae, a Joint Statement for Press was released.

# ВСТРЕЧА ПРЕЗИДЕНТА ТУРКМЕНИСТАНА С ИМПЕРАТОРОМ ЯПОНИИ



19 декабря 2025 года Президент Сердар Бердымухамедов в рамках рабочего визита в Японию провёл встречу с Императором Японии Нарухито.

Тепло поприветствовав высокого гостя, Император дружественной страны выразил уверенность, что нынешний, второй, визит главы Туркменистана в Японию станет очередным значимым шагом на пути дальнейшего укрепления и расширения межгосударственного сотрудничества и, пользуясь случаем, передал искренние слова приветствия Национальному Лидеру туркменского народа, Председателю Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедову.

Поблагодарив за добрые слова и оказанное гостеприимство, Президент Сердар Бердымухамедов отметил, что очень рад встретиться с Императором второй раз за этот год. Глава государства передал слова приветствия и наилучшие пожелания от Национального Лидера туркменского народа Героя-Аркадага.

Как подчёркивалось, 2025 год, объявленный Генеральной Ассамблеей Организации Объединённых Наций «Международным годом мира и доверия», ознаменован 30-летием постоянного нейтралитета Туркменистана. Недавно в Ашхабаде состоялся Международный форум, посвящённый Международному году мира и доверия, славному юбилею нейтралитета Туркменистана, а также Международному дню нейтралитета.

Сердечно поздравив Президента Сердара Бердымухамедова с успешным проведением столь представительного Форума, Император Нарухито отметил важность инициатив, выдвигаемых Туркменистаном на международной арене.

Пользуясь случаем, глава государства поздравил Императора Японии с успешным завершением Всемирной выставки «ЭКСПО–2025». Как подчёркивалось, участие Туркменистана в этом смотре привлекло внимание гостей из различных уголков мира и предоставило хорошую возможность для их ознакомления с историей, культурой и достигнутыми в современный период успехами Туркменистана.

Япония – одно из передовых государств в плане новых технологий и высокого промышленного производства, сказал глава государства. Вместе с тем отмечалось, что Туркменистан заинтересоваа в японских разработках в таких направлениях, как «зелёная» энергетика, управление водными ресурсами, экологические технологии.

Подтвердив открытость Туркменистана дальнейшему углублению сотрудничества с Японией, глава Туркменистана поблагодарил Императора Нарухито за большой личный вклад в развитие межгосударственного взаимодействия.

В завершение встречи Президент Сердар Бердымухамедов и Император Нарухито, выразив уверенность в долгосрочном стратегическом партнёрстве по широкому спектру направлений, обменялись наилучшими пожеланиями.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI ÝAPONIÝANYŇ IŞEWÜRLER JEMGYÝETÇILIGINIŇ WEKILLERI BILEN DUŞUŞDY

2025-nji ýylyň 19-njy dekabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Ýaponiýa iş saparynyň çäklerinde öňdebaryjy ýapon kompaniýalarynyň ýolbaşçylary bilen işewürlik duşuşygy boldy.

Duşuşyga ýapon tarapyndan «Sumitomo Corporation», «Toyo Engineering Corporation», «Kawasaki Heavy Industries, Ltd.», «Muroosystems Corporation», «ITOCHU Corporation», «Tokyo Boeki Eurasia Limited», «Mitsubishi Heavy Industries, Ltd.», «Mitsubishi Corporation», «ARGONAVT Corporation» kompaniýalarynyň ýolbaşçylary, “Çalyk Holding”, “Gap Inşaat” kompaniýalarynyň wekilleri gatnaşdylar.

Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça ýapon-türkmen komitetiniň başlygy, «ITOCHU Corporation» kompaniýasynyň Ýerine ýetiriji wise-prezidenti duşuşygy açyp, duşuşmaga wagt tapandygy üçin Türkmenistanyň Prezidentine tüýs ýürekden hoşallygyny beýan etdi we bu duşuşygyň iki dostlukly ýurduň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklary mundan beýläk-de giňeltmäge möhüm itergi boljakdygyna ynam bildirdi.

Soňra Prezident Serdar Berdimuhamedowa söz berildi.

Türkmenistanyň döwlet Baştutany öňdebaryjy ýapon kompaniýalarynyň ýolbaşçylaryny we wekillerini tüýs ýürekden mübärekläp, bu duşuşygy geçirmek baradaky başlangyjy, türkmen-ýapon ykdysady hyzmatdaşlygynyň häzirki ýagdaýyny we geljekde ony ösdürmegiň ýollaryny giňişleýin ara alyp maslahatlaşmaga döredilen mümkinçilik üçin minnetdarlygyny bildirdi.

Bellenilişi ýaly, Türkmenistan ýapon kompaniýalary bilen ýola goýlan hem-de netijeliligini görkezen gatnaşyklary yzygiderli giňeltmegini dowam etdirýär. Şol bir wagtda biz täze, has giň gerimli we uzak geljegi nazarlaýan maksatlara ýetmegi ugur edinýäris.

Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň arasyndaky hyzmatdaşlyk uzak möhletleýin, durnukly, köpugurly häsiýete eýedir. Ol hemişe özara hormat goýmak, ynanyşmak hem-de bähbitlilik ýörelgeleri esasynda alnyp baryldy we dowam etdirilýär.

Türkmenistan ykdysadyýetiniň toplumlaýyn döwrebaplaşdyrylmagynyň zerurdygyna düşünmek bilen, öz tagallalaryny birnäçe ileri tutulýan wezipelere gönükdirdi. Şolaryň hatarynda ösüşiň innowasion strategiýalaryny ornaşdyrmak, senagatlaşdyrmagy çaltlaşdyrmak, “ýaşyl” geçiş, energetika pudagyny diwersifikasiýalaşdyrmak, milli we halkara ulag-logistika arabaglanyşygy ösdürmek ýaly wezipeler bar diýip, Prezident Serdar Berdimuhamedow sözüni dowam etdi hem-de bu ugurlaryň her biri boýunça ýapon kompaniýalarynyň işjeň gatnaşmagy üçin hakyky we özara bähbitli mümkinçilikleriň bardygyny aýtdy.

Prezident Serdar Berdimuhamedow çykyşynda iri ýapon kompaniýalarynyň Türkmenistanda köp ýyllaryň dowamynda alyp barýan işlerine ýokary baha berdi. Nygtalyşy ýaly, “ITOCHU”, “Kawasaki”, “Mitsubishi”, “Sojitz”, “Toyo”, “Mitsui”, “Sumitomo”, “Komatsu”, “Toyota” we beýleki birnäçe kompaniýalar türkmen ykdysadyýetiniň ösüşine uly goşant goşdular we goşant goşmagyny dowam etdirýärler.

Soňky ýyllarda ýapon kompaniýalarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanda häzirki zaman iri senagat desgalary ulanmaga berildi. Şolaryň hatarynda Marydaky we Garabogazdaky ammiak hem-de karbamid önümçiligi boýunça gazhimiýa toplumlaryny, Gyýanlydaky polimer zawodyny, Owadandepedäki tebigy gazdan benzin öndürýän zawody, Çärjew etrabyndaky gazturbinaly elektrik stansiýasyny görkezmek bolar.

Prezident Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň ýapon işewürler jemgyýetçiligine uzak möhletleýin maýa goýumlar, özara bähbitli hyzmatdaşlyk üçin amatly şertleri teklip etmäge taýýardygyny tassyklady.

Ýapon tehnologiýalaryny we önümlerini, ilkinji nobatda, maşyngurluşyk, elektronika, himiýa senagaty önümlerini işjeň ilerletmäge taýýarlyk nygtaldy.

Şol bir wagtda Türkmenistan suw serişdelerini tygşytlamak, suwy arassalamak, önümçilik galyndylaryny dolandyrmak, “ýaşyl” we wodorod energetikasy ulgamlarynda öňdebaryjy ýapon tehnologiýalaryny hem-de tejribesini çekmäge gyzyklanma bildirýär.

Mälim bolşy ýaly, aprel aýynda geçiren duşuşygymyzyň dowamynda biz sirkulýar ykdysadyýete geçmegiň möhümdigi baradaky meseläni ara alyp maslahatlaşypdyk. Häzirki wagtda Türkmenistanda bu ugra aýratyn üns berilýär.

Hususan-da, Türkmenistanyň Prezidenti ýapon kompaniýalaryna durmuş we gurluşyk galyndylaryny gaýtadan işlemek boýunça döwrebap zawodyň gurluşygynyň taslamasyny işläp düzmegi teklip etdi.

Şeýle-de hapa suwlary senagatda we jemagat hojalygynda gaýtadan peýdalanmaga mümkinçilik berjek derejä çenli arassalamagyň hilini ýokarlandyrmaga gönükdirilen taslamany amala aşyrmak maksadalaýyk hasaplanýar.

Prezident Serdar Berdimuhamedow ýurdumyzyň daşky gurşawda plastik galyndylaryň möçberini azaltmak hem-de polietileni ikinji gezek ulanmaga ibermek üçin plastik çüýşeleri gaýtadan işlemek boýunça kiçi zawodlaryň taslamasyny öwrenmäge taýýardygyny tassyklady.

Şular bilen birlikde, durmuş tehnikasyny gaýtadan işlemek boýunça kiçi zawodyň taslamasyny durmuşa geçirmek mümkinçiligini öwrenmek teklip edildi.

Çykyşynyň ahyrynda Prezident Serdar Berdimuhamedow şu günki duşuşygyň iki tarapyň hem bähbitlerine laýyk gelýän täze bilelikdäki başlangyçlary we taslamalary durmuşa geçirmegiň ýolunda ýene bir möhüm tapgyr boljakdygyna ynam bildirdi.

Işewürler Türkmenistanyň Prezidentine wagt tapyp, şu duşuşyga gatnaşandygy üçin hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyzyň çykyşynda beýan eden teklipleriniň möhüm ähmiýetini bellediler we bu ugurda hyzmatdaşlyk etmäge taýýardyklaryny aýtdylar.

Soňra ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy boldy.

* * *

Şol gün Merkezi Aziýa ýurtlarynyň döwlet Baştutanlarynyň hormatyna Ýaponiýanyň Premýer-ministri Sanae Takaitiniň adyndan resmi agşamlyk nahary berildi.

Prezident Serdar Berdimuhamedowyň Ýaponiýa iş sapary dowam edýär.



# MEETING OF THE PRESIDENT OF TURKMENISTAN WITH THE CHAIRMAN OF THE JAPAN-TURKMENISTAN INTER-PARLIAMENTARY FRIENDSHIP GROUP

On December 19, 2025, during his visit to Japan, President Serdar Berdimuhamedov met with Endo Toshiaki, Chairman of the Japan-Turkmen Inter-Parliamentary Friendship Group.

Warmly welcoming the distinguished guest, Endo Toshiaki emphasized that, as a result of consistent political dialogue, interstate relations have reached a qualitatively new level in recent years. In this regard, they expressed confidence that the current visit of the head of Turkmenistan will be an important step in strengthening bilateral cooperation.

Noting the enormous contribution of the National Leader of the Turkmen people to the development of the Japan-Turkmen partnership, the Chairman of the Inter-Parliamentary Friendship Group took the opportunity to convey warm greetings to the Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan.

Endo Toshiaki emphasized his particularly warm memories of meeting with President Serdar Berdimuhamedov in April of this year during his visit to Japan. The Chairman of the Japan-Turkmenistan Inter-Parliamentary Friendship Group also took the opportunity to warmly congratulate the head of state on the 30th anniversary of Turkmenistan's permanent neutrality.

Thanking him for his kind words, President Serdar Berdimuhamedov emphasized that interstate relations are based on the principles of mutual respect, equality, and mutual benefit.

The head of state noted that parliamentary ties are among the key areas of partnership between Turkmenistan and Japan.

As emphasized, Turkmenistan supports the development of parliamentary diplomacy as the primary tool for maintaining peace, cooperation, and mutual understanding. In this regard, emphasis was placed on the importance of the initiative to hold the Parliamentary Forum of Central Asian Countries and Japan in Ashgabat, put forward by Hero Arkadag in September 2022 during his visit.

President Serdar Berdimuhamedov emphasized the importance of economic partnership in bilateral relations, noting the contribution of Japanese companies to the development of Turkmenistan's economy.

It was also emphasized that the cultural and humanitarian sphere, particularly healthcare, education, and culture, are key to bilateral cooperation.

It was noted that the activities of the Interparliamentary Friendship Group, along with the exchange of best practices in legislative matters, facilitate the practical implementation of economic projects, cultural and humanitarian initiatives, and the coordination of efforts on the international stage.

At the end of the meeting, President Serdar Berdimuhamedov and Chairman of the Japan-Turkmenistan Inter-Parliamentary Friendship Group Endo Toshiaki expressed confidence that the traditionally friendly relations will continue to strengthen and exchanged best wishes.

# ВСТРЕЧА ПРЕЗИДЕНТА ТУРКМЕНИСТАНА С РУКОВОДИТЕЛЕМ ПАЛАТЫ ПРЕДСТАВИТЕЛЕЙ ПАРЛАМЕНТА ЯПОНИИ

19 декабря 2025 года Президент Сердар Бердымухамедов в рамках рабочего визита в Японию провёл встречу с председателем Палаты представителей Парламента Японии Фукуширо Нукага.

Как отметил Фукуширо Нукага, для него большая честь встретиться с высоким гостем. В стратегически значимом Центральноазиатском регионе Туркменистан является одним из ключевых партнёров Японии, продолжил руководитель Палаты представителей Парламента дружественной страны, выразив уверенность, что нынешний визит главы Туркменистана придаст импульс выводу на качественно новый уровень двусторонних отношений.

Поблагодарив за добрые слова, Президент Сердар Бердымухамедов подчеркнул значение сегодняшней встречи для дальнейшего развития туркмено-японских парламентских связей.

Как отмечалось, в последние годы партнёрство парламентов двух стран характеризуется стабильностью и последовательностью. Между Меджлисом Туркменистана и Палатой представителей Парламента Японии действуют группы дружбы, которые стали важной платформой для обмена мнениями в законотворческой деятельности и установления взаимодействия в гуманитарной сфере. В данном контексте акцент был сделан на необходимости укрепления туркмено-японских межпарламентских отношений с учётом растущей роли парламентской дипломатии в современную эпоху.

Фукуширо Нукага подчеркнул, что с особой теплотой вспоминает встречу с Президентом Сердаром Бердымухамедовым, которая состоялась в апреле текущего года во время визита главы государства в Японию.

Председатель Палаты представителей Парламента Японии сердечно поздравил Президента Сердара Бердымухамедова с успешным проведением Международного форума мира и доверия, приуроченного к 30-й годовщине постоянного нейтралитета Туркменистана.

В завершение встречи Президент Сердар Бердымухамедов и председатель Палаты представителей Парламента Фукуширо Нукага, выразив уверенность в расширении межпарламентских отношений между Туркменистаном и Японией, обменялись пожеланиями крепкого здоровья и благополучия.

# GAHRYMAN ARKADAGYMYZ «NICKLAUS COMPANIES» KOMPANIÝASYNYŇ ÝOLBAŞÇYSY BILEN DUŞUŞDY



2025-nji ýylyň 18-nji dekabrynda Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow «Nicklaus Companies» kompaniýasynyň ýolbaşçysy Jon Riz bilen duşuşdy.

Myhman duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallyk bildirip, Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ulgamda gazanýan üstünliklerine ýokary baha berdi. Şeýle hem Jon Riz Türkmenistanyň Prezidentiniň Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna amala aşyran iş saparynyň ähmiýetini belledi. Myhman pursatdan peýdalanyp, Gahryman Arkadagymyzy Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy bilen gutlady.

Türkmen halkynyň Milli Lideri hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, ýakynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygynyň ýurtda giňden baýram edilendigini nygtady.

Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, Türkmenistan sport we syýahatçylyk ulgamlaryna durnukly ösüşiň strategik ugurlary hökmünde garaýar. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň «Nicklaus Companies» kompaniýasy bilen hyzmatdaşlykda oňyn tejribe toplandygyny aýdyp, Aşgabat şäherinde gurlan we halkara standartlara laýyk gelýän, paýtagtymyzyň ýaşaýjylarynyň, myhmanlarynyň arasynda meşhur bolan döwrebap golf klubunyň taslamasyny munuň aýdyň mysaly hökmünde görkezdi. Bu taslama Türkmenistanda golf sportuny ösdürmekde möhüm ädim boldy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri sport infrastrukturasyny ösdürmekde Türkmenistan bilen «Nicklaus Companies» kompaniýasynyň arasynda özara bähbitli hyzmatdaşlyk üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny belläp, kompaniýanyň golf meýdançalarynyň taslamasyny düzmek we gurmak boýunça alyp barýan işleriniň «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda öz beýanyny tapjakdygyna ynam bildirdi.

Jon Riz Türkmenistanda sport ulgamyny, hususan-da, golf sportuny ösdürmäge uly üns berilýändigini aýdyp, ýolbaşçylyk edýän kompaniýasynyň bu ugurda hyzmatdaşlygy dowam etdirmäge hemişe taýýardygyny tassyklady.

Duşuşygyň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow we «Nicklaus Companies» kompaniýasynyň ýolbaşçysy Jon Riz birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.